# Öýke-kine we geçirimlilik hakda kelam agyz

Category: Kitapcy,Oýlanmalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Öýke-kine we geçirimlilik hakda kelam agyz ÖÝKE-KINE WE GEÇIRIMLILIK HAKDA KELAM AGYZ




Durmuşda her hili ýagdaý bolýa.
Tanyş-dost-garyndaşlar bilen birek-birekden öýkeleşmek hakda käbir zatlar aýdasym gelýär:
Pygamberimiz, Iki jahan serweri Muhammet Alaýhyssalam: «Musulman musulmandan üç günden artyk gaty görmeli däldir» diýipdir.
Bu hadysyň agramyny hasam artdyrýan başga-da bir hadys bar:
«Eger-de musulman musulmandan üç günden artyk gaty görýän bolsa, ol meniň ymmatym däldir».
Meň özüm, 16-17-mi ýa-da 20 ýaşymda, şu günki ýaly ýadymda, gaty gowy görüşýän dostumyň eden hereketini gaty görüp, gündeligimde:
«Geçirmek – dünýäde iň kyn zatlaň biri,
Hasam geçirýäniňi hiç kim bilmese.

Hiç haçan özümizi ýakmazdyk diri,
Nähak ajyny ýuwutmaly bolmasa…» diýip ýazypdym.
Elbetde, bujagaz setirler goşgam dä, hiç zadam.
Heniz beýnisi bekemedik jahylyň ýöntemje duýgularyna eýlenen, ýönekeýje pikir ýöretmesi.
Ýöne, Alla jan geçirilýänlerdenem bolaly, geçirýänlerdenem.
Ýüregimiz daşa dönmesin.
Nirede okanym anyk ýadyma düşmeýär, ýöne alymlar her bir adamda (ol erkek bolsun, aýal bolsun, tapawudy ýok) hem-ä erkegiň, hemem zenanyň başlangyjy bardygyny ýazypdyrlar.
Megerem, beýle diýlende, ynsan bedeniniň mifiki (rowaýaty) androginlik ukyby däl-de, erkek kişileň organizmind-ä iks we igrek hromosomlaň bardygy, aýallaň organizminde bolsa diňe iks hromosomlaň bardygy, üstesine-de her bir ynsanyň psihikasyndaky umumy meňzeşlikler, bedenindäki we beýnisindäki uniwersal düzüm bölekleri göz öňünde tutulýan bolsa gerek.
Ýöne, meniň şahsy pikirimç-ä, geçirimlilik, dözmezçilik, öýke-kinäni çalt we yzsyz-tozsuz unutmagy başarmak hem-de göwne degilmä çydamlylyk, gaýratlylyk ukyby, erkeklere garanyňda, zenanlara has mahsusmyka diýýän.
Tutuş Adamzadyň sallançagy bolan Zemin – Zenan!
Ene Toprak öz göwsünde ekip-dikip, abadan ýaşamak üçin gujagyny giň geren balalarynyň özüni gandyr-zuluma eýläp, hapa-jerhet bilen zibilläp ýörenlerini ýüz müňlerçe ýyl bäri bagyşlap, biziň ahyry bir gün düzeljegimize umytly, ýaşamagyny hem-de bize çydamagyny dowam edip ýör!
Şoň üçin her bir adamam (ha erkek bolsun, ha zenan), eger-de ol sözüň doly manysynda ynsan bolmak isleýän bolsa, edil Ene Toprak ýaly sabyrly, geçirimli bolmalymyka diýýän!
Şonda utýaň.
Çünki, durmuşda göre-göre gelýän, gahar-gazaba berlip, üstüňe çöwjänler, günlerde bir gün öz-özlerinden gelip, senden uzur ötünç soramaga, hatda birmahal özleriniň üstünden gülüp, dodaklaryny çöwren “senjagazlaryndan” haraý hantama bolmaga mejbur bolýarlar.
Onsoňam, ýene-de bir zady unutmaly däl:
Hiç kimem dünýä inende dana bolup dogulmaýar.
Munuň üçin ýyllar gerek.
Ýollar gerek.
Ýitgilerdir-hatalardan, ökünçdir, öz-özüňi gemirmekden doly günler gerek.

Halkymyzyň pir, weli hasaplaýan şahyrynyň: “Kyrkdan soň aýyl bolsa adamzat” diýşi ýaly, menem elliň onlugyny ýarpylaberen ýaşymda bir zada düşündim:
Ýaşlygyň gatybir bolgusyz, ýaman biderek, hiç göwnüme ýakmaýanbir, wäpçe gerekmejek häsiýeti ba: ken: Ol eýläňe-beýläňe seretmänkäň geçip gidýän ekeni :-). Onsoň akyllanýaňam, her bir hereketiňi, sözüňi seljeribem başlaýaň.
Bu-da gowumy, erbetmi?
Näbileýin.
«Özüň üçin-ä birtüýsli. Ýöne, erbede ýakynrak. Töweregiňdäkiler üçinem gowa ýakynrak…bola:masa…» diýip jogap beräýmesem :-).
Onsoňam öýke-kine bilen bagly ýene-de bir zada ünsi çekesim gelýär:
Kineden soňky düşünişmek, gaty oňat iş, sogap iş.
Munuň şeýledigini köp wagtlap ters halda gezen adamyň bilen ýaraşanyňdan soň göwnüňde öz-özünde döreýän lezzetem subut edýär. Bu lezzet edil Keremli Hakyň saňa özüne ýaraýan işi gaýranyň üçin pursat gijikdirmän bagyş eýleýän serpaýyna çalym edýär. Misli: “Sogap iş etdiňmi, bennäm? Al onna peşgeşiňem, nagt bolsun!” diýýän ýaly.
Agzybirlik bolsa – Allaň şirin nygmaty!
«Ony datmagam, ondan doýa garna doýmagam, ömrüňi uzaldýar, saglygyňy berkidýär, nerwiňi düzedýär, ýüzüňi nurlandyrýar» diýip, berhizgähler (diýetologlar :-)) kim gapysyndan jyklasa maslahat berýämişin.
(Ýalan sözleýän :-)).
(Ýöne, çypbakaý-çynym bilen!).
Hak-u-nähak öýke kinäni bagyşlamak, geçirimlilik hakda ýene-de bir aýtjak zatlarym:
Ilkinji nobatda:
Giň bolmaly!
Parasatly bolmaly!
Geçirimli bolmaly!
Hiç haçan tukatlykdyr, lapykeçlige özüňi bermeli däl!
Owal-a Alladan bidin, onsoňam sebäpsiz çöp başynyň gymyldamaýandygyna özüňi ynandyrmaga çalyşmaly! (“Mimino” kinofilmini ýadyňyza salsaňyz, şonda adybelli aktýor Frunzik Mkrtçýanyň janlandyrýan gahrymanynyň bir meşhur jümlesi bardyr: “Слушай, я тебе одну вещ скажу!”. Menem şoň ýaly, öň hiç kimiň aýtmadyk, henize-bu güne görlüp-eşidilmedik bir

pynhan syryny aýdýansyrasam (-: “Hemme zat geçýär! Bu-da geçer!” diýip, hasaplamaga dyrjaşmaly).

Dünýäde gowulygyň-a serpaýy, erbetligiňem temmisi bar.

Ýöne, şonuň şeýledigine köpler ynanmadyk bolýar.

Şeýle halat başlaryndan inensoňam düşünmedik kişi bolýarlar.

Emma, garrylaň kän gaýtalaýan bir sözem bar:

– Bilmeseň bildirerin! Düşünmeseň düşündirerin!

Ine, şuny unutmaly dälmikä diýýän.

Onsoňam birneme biparhrak bolmaly.

Adamlaň şol bir wagtyň özünde tükenen haýyn bolup bilýändigine-de, edil yz ýany, edil şol adamyň perişdeden päk bolup bilýändigine-de duçar bolsaň, düýpgöter geň galmajak bolmaly!

Elbetde, göwnüňe bolmasa, ine şeýden bolup, meniňki ýaly, özüm ýyljajyk, rahatja oturan ýerimden, mentoryň (gadymy greklerde: mugallym) nikabyny ýüzüme geýip, dürri-merjen akyl satansyrap oturmak aňsat zat ýalydyr.

Birdenkä öz guýrugymdan basaýsalar, şonda meniň reaksiýamyň nähili boljakdygy – ine, näme gyzykly!

Gögelelikden bäri ýazyp ýörmäge halys endik edip gidendigim zerarly (dogrusyny aýdaýyn, töweregimde ýaşaýanlaň 80 prosenti meň ýazýandygymam bilmeýärler), indi nirede şahsy durmuşym tamamlanyp, nirede ýazuw-pozuwymyň başlaýandygynam kän bir aýyl-saýyl edip bilemok  (Ýöne, beýle diýsem: “Bü-ýä bir kellesine taýak degen ýaly, öz ham-hyýallarynyň içinde ýaşap ýören, ýarym sähne bir zat eken-ä!” diýäýmezler-dä, hernä!).

Elbetde, ýene-de şo köpbilmiş psihologlar aýtmyş:

Adamyň sersaglygy – bu heniz diagnoz goýulmadyk däliligiň bir görnüşidir!

Ýöne, şonda-da, özlemmize şeýlepisint kesel kesgitlemesiniň goýulmazlygyny we biziň häzirki güne çenli psihdispanserde hasaba alynmazlygymyzy, olaň (ýagny, psihiatrlaň) kemçiligi däl-de, özümiziň ýeňişimiz hasaplabersek, içki men-menligimiz üçin dürs bolarmyka diýýän :-).

Öz guýrugyňdan basylmak we oňa bolan reaksiýa hakda bolsa, kän-kän zatlar gür berip biljek.

Ýöne, nämä gerek?!

Geçen-geçdi.

Eden-etdi.

Her kim mynasybyna mynasybam boldy.

Bolýaram.

Bolaram.
Sebäbi, Hudaýa şükür, terezem, hasap depderem, temmi taýagam özümiz ýaly çigbeýni ynsanlaň elinde däl.
Şol gudratly närselere gözegçilik edýänleri aldabam bolmaýar, ynandyrybam, rehimini inderibem, tanşyny tapybam, satyn alybam, gorkuzybam…
Her kim belet – her bir adam Ýeriň ýüzünde özboluşly bir unikal dünýä.
“Her kellede bir hyýal, kel kellede müň hyýal” diýilýär.
Kimiň kellesinde nämäň bardygyny bir Alla bilýär.
Hatda şol kelläni özüniňkidir öýdüp, egninde göterip, onuň patallagasty ötügine iýmit dykyp ýörenem doly bilmeýär.
Şonuň üçinem, geçirimliligiň agyrlygy-ýeňilligi her bir adamyň şahsy kabul edişine bagly bolýar.
Diýmekçi bolýanym, men neneňsi köpügören, tejribeli, “parasatly :-)” bolsam-da, barybir hiç zady hut beýleki biriniň kabul edişi ýaly kabul edip bilmerin.
Ýöne, özümiň şahsy tejribäme esaslanyp aýdaýyn:
Şuňa meňzeş bir kyn ýagdaýlar öz durmuşymda bolanda, ilk-ä içim ýanyp başlaýardy, gaharym gelýärdi.
Özüme, özümi aldanlara, ejizlänime, özümi çoçgara çolaşdyranyň tumşugyndan tomat ýasamaga gaýratym çatsa-da, şony şeýtmänime ökünýärdim.
Onsoň ar almagyň kül-külüne düşüp, “Görogly bege” dönüp, kasasymy kyýamata goýmazlygyň alajyny agtarmaga başlaýardym.
Soň ýene-de bir-iki gün geçýär welin, tutuş adamzatdan göwnüm galýardy, şeýle nejis adamlary topragyň göterip ýörenine nägile bolýan, göwnüçökgünlik basýardy, dünýädenem, adamlardanam, özümdenem doýýardym…
Ýöne, ýene-de: “Слушай, я тебе одну вещ скажу!” (-:.
Bu zatlaň hemmesi on bäş ýyl mundan ozal şeýle bolýardy.
Indi bolsa, şeýle zat durmuşymda ýüze çyksa, içim ýanyp başlajak bolup başlaýar welin, durýan-da oýlanýan:
Şu derejä düşeriň ýaly nämbolly, şumat?!
Maşgalaň, çagalaň jany sag, başy dik, öýüň abatmy?!
Abat.
Olaň iýjegi-geýjegi barmy?!
Bar.
Özüň işsiz entäp ýören üflismi?!
Däl.
Allatagala, saňa erkek hökmünde hojalygyňy üpjün etmäge

ýeterlik rysgaly berdimi?!
Edenine-de şükür, etjegine-de!
Neşekeşmiň?!
Däl.
Arakhormyň?!
Däl.
Kesellimiň?!
Däl.
Maýyp-müjripmiň?!
Däl.
Heleýbazmyň?!
Estagpurulla.
Zyna günäsinden Özi gorasyn.
Il içinde at-abraýyň halys sansyzyňka çalymdaşmy?!
Hudaýa şükür, beýle däl. Garaz, köpüň biri hökmünd-ä gezip ýörüs.
Onda nä, beýle lapyň keç bolýaň?!
Durmuşdyr-da.
Geçer gider-dä.
Şu wagt bir manadyňy aldap alan bolsalar, ilki bilen-ä indikiňe berk bol, sapak edin. Galyberse-de, şol bir manady öňem saňa beren Özi, ýene-de öwezini doljak Özi ahyry!
Ýa, nä şonuň şeýledigine gümanyň barmy?!
Ýok.
Ýene-de bir sorag: Bu dünýäde haýyram, şerem kimden gelýä?!
Täk Onuň Özünden.
Ýene-de bir sorag: Biribaryň gaýran işinde ýamanlyk bardyr öýdýämiň?!
Estagpurulla.
Hakyň her bir eden işi bendesi üçin bähbitdir.
Ýene-de sowal: Onda seniň uçran ýamanlygyňdan saňa näme bähbit bar?!
Bähbidi köp şonuň.
Sana!!!
Sanaýyn:
Owaly bilen-ä şeýle erbetliklere soň duçar bolsam, olary nähili saýgarmalydygy hem-de olardan neneň edip goranmalydygy boýunça tejribe toplaýan.
Bu bir.
Soňra şol synagdan üstünlikli geçip bilsem sogap gazanýan.
Bu iki.

Belki Allam, diňe meni däl-de, şol meni aldawa salan, maňa ýamanlyk eden bendänem synagdan geçirýändir. Menem Hakyň guraly hökmünde, Onuň gaýyrýan işine ýardam berip, bu hadysada, ýer sürüp maşgalasyny ekleýän daýhanyň golundaky azalyň sogabyny gazanýandyryn.
Bu üç.
Şol men babatda günä iş edip ýamanlyk ýoluna düşen bendäniň mysalynda, men şeýle bolmaly däldigini, özgelere şeýle erbetlik etseň näderejede günägaby boljakdygyňy öwrenýän.
Bu dört.
Bu kynçylyga döz gelip, özümi gaplap alan ýaman duýgulary ýeňip, men adam hökmünde kämilleşýän, taplanýan, şonuň netijesinde-de imanymyň hemra bolmagyna tarap ýene-de birje ädim ädýän (Estagpurulla! Uly söze toba! Bu sözlemiň yzyna “…dirin, belki-de…” diýen goşulmany goşmaly.).
Bu bäş.
Belki-de men özümiň gazanan şu şahsy tejribäme daýanyp, başga bendeleriň şeýle ýagdaýa uçramazlygyna ýardam bererin. Şonuň üsti bilenem men alkyş alaryn, sogabymy artdyraryn.
Bu alty.
Belki, men adamlaň şeýle biderek hereketine özümiň pespälligim, geçirimliligim bilen jogap bermek arkaly, şu wakalardan habarly kimdir birine, galyberse-de maňa ýamanlyk edeniň hut özüne-de hakyky ynsan häsiýetleriniň nähili bolmalydygyny görkezip, görelde bolaryn. Ýalňyşyp, men babatda hata eden bendäň öz etmişiniň üstünde oýlanyp, ökünmegine we dogry ýola gaýdyp gelmegine sebäp bolaryn. Şonuň bilenem ýene-de sogap gazanaryn…belki…
Bu ýedi.
Geçirimlilik Perwerdigäriň iň gözel häsiýetleriniň biri. Dünýe döräp, ynsan ýaradylyp Adam atadyr Howa enemizden başlap, ynsan perzentleri gör niçe jenaýatlar, etmişler, günäler etdiler. Olaň arasynda şeýlebir gabahatlaram bar welin, hatda diliňe alar ýaly däl. Emma, şeýle-de bolsa, adamzady bir demde ýer hopaýmaýar ahyry. Ol Hakyň geçirimliliginiň, rehim-şepagatynyň, öz ýaradan jandarlarynyň ahyry bir gün düzeljekdiklerine, kämilleşjekdiklerine ynamynyň hem umydynyň saýasynda, henizem ýaşamagyny, dowam etmegini dowam edýär ahyry. Diýmek, bizi Ýaradan Rebbimiziň iň ajap häsiýetleriniň biri geçirmek bolsa, biziňem geçirimli bolmaga dyrjaşmagymyz, Eýämize öýkündigimiz, Şoňa ymtyldygymyz dälmi?!

Bu sekiz.
Onsoňam, ýamanlyk ýa-da ýagşylyk aglaba köp ýagdaýlarda elläp bolmaýan, maddy däl zatlaram bolsa, olar her bir adamyňam, giden halklaryňam ykbalyna juda ýiti täsir edýändigine, Adamzat tutuş öz taryhynyň dowamynda ynanyp gelýär. Mysal üçin, ýamanlygyň çakdan aşa artan ülkesiniň depesinden otýalyn inýär (Lut şähriniň kyssasy). Ýa-da şükranalyk, kalby päklik has giň ýaýran jelegaýdan bolsa betbagtlyk bilen şumluk gaçarmyş.
Bu dini-dessurlaýyn düşünje bolsa-da, geçen asyryň 60-njy ýyllarynda meşhur rus alymy Wernadskiýniň noosfera (paýhas çygry) hakdaky nazaryýetem hut şu ýagdaýyň şeýledigi hakyndaky çaklamany öňe sürýär.
Diýmek, geçirimlilik etsek we hiç kesi ýazgarmasak, Türkmen agaň aýdyşy ýaly: “Daş bilen urany aş bilen urmaga” ýykgyn etsek, bizem öz ýaşaýan jelegaýymyzda gowulygyň has giňden ýaýramagyna, pozitiw (oňyn) noosferanyň emele gelmegine, azam bolsa köpem bolsa öz goşandymyzy goşarys. Şeýlelik bilenem öz töweregimizde pisatlygyň, erbetligiň azalmagyna ýardam bereris. Munuňam biziň sogap depderimize ýazyljagy gümansyz…“…myka diýýärin”.
Bu dokuz.
Bir aýtgy bar: “Ekeniňi orarsyň” diýilýär. Adam diýlenem ýalňyşman bilmeýär. Latynlar bu babatda: “Errare humanum est – Adama ýalňyşmak mahsus” diýýärler. Diýmek, haçan-da bolsa bir ýerde özümiz bilip ýa-da bilmän kimdir biri babatda säwlik goýberäýsek, belki, Hudaýyň şol köňli giň bendesem biziň özümiz babatda hata ýol berene garaýşymyz ýaly, biziňem etmişimizi geçirip goýberer?!
Bu on.
Onsoňam, şeýle seretseň ynsan gatnaşyklaryndaky köp zatlardan jinnekçe maddy bähbit ýok ýaly bolup görünse-de, hakykat-da şunuň şeýle däldigine men-ä gaty çynym bilen ynanýan. Ynanýanam, şeýlediginiň subutnamasyny öz durmuşymda göre-göre gelýänem. Mysal üçin, sen birine ýagşylyk ýa-da eglişik edýäň. Goý, ol seň edeniň gadryny bilmesin. Ýöne: “Ýagşylyk et-de derýa at. Balyk bilmese Halyk biler” diýleni. Seň eden päkize işiň serpaýyny başga biri başga bir ýerden berýär.
Bu on bir…
Garaz, näçe sanasaň oturmaly.
Yzy köp…

Sanabermeli… Oýlanmalar